***Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň üçünji halkara maslahatynyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilmegi ýurdumyzyň halkara abraýynyň ýokarydygyny görkezýär. Bu başlangyç diňe bir ykdysady taýdan däl, syýasy we medeni taýdan hem ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna gönükdirilendir. Bu çäre Türkmenistanyň halkara derejesindäki başlangyçlarynyň üstünlikli dowamydyr.***

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň üçünji halkara maslahaty diňe bir halkara forum däl, eýsem, dünýä ýurtlarynyň arasynda ynanyşmagy, hyzmatdaşlygy we ösüşi üpjün edýän strategik platformadyr. Türkmenistanda geçirilmegi bilen bu forum diňe bir geografik taýdan däl, eýsem, diplomatik taýdan hem möhüm ähmiýete eýe bolýar. Maslahatyň netijesinde, deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň halkara söwda ulgamyna gatnaşmagyny ýeňilleşdirýän täze strategiýalaryň kabul edilmegine garaşylýar. Mundan başga-da, ulag-logistika ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen baglanyşykly halkara taslamalaryň öňe sürülmegi mümkin bolup durýar. Ekologiýa, energetika hem-de sanly arabaglanyşyk ugurlarynda bilelikdäki başlangyçlaryň döredilmegi arkaly bu ýurtlaryň özara hyzmatdaşlygyny täze sepgitlere çykarmak göz öňünde tutulýar. Şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Hereketleriň täze maksatnamasyny kabul etmegi netijesinde, ýurtlaryň ösüş strategiýalarynyň halkara derejesinde utgaşdyrylmagyna giň mümkinçilikler açylar.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy bagtyýarlygyň we dost-doganlygyň mekanydyr. Hazaryň sapaly kenarynda ýerleşýän Awazada halkara derejede duşuşyklar, dialoglar, forumlar, konsertler we festiwallar yzygiderli geçirilip, dünýä döwletleriniň arasynda syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary täze derejelere götermekde aýratyn ähmiýete eýe bolýar» diýip, hormatly Prezidentimiz nygtaýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu sözleriniň beýik hakykat bolup dabaralanýandygyna bu ajaýyp künjekde geçiriljek BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtar boýunça üçünji maslahatynyň mysalynda hemmeler ýene bir ýola aýdyň göz ýetirer.

**Mahym ANNADURDYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026